**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2025-nji ýylyň 29-njy iýulyndaky № 47-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 2 – howa "Howa gämileriniň toplumynyň bar bolany we olaryň tehniki ýagdaýy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

## GOLLANMA

"Türkmenhowaýollary" döwlet gullugynyň kärhanalary we oňa degişli kärhanalary tarapyndan düzülýär we hasabat formasynyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM. HOWA GÄMILERINIŇ TOPLUMYNYŇ BAR BOLANY WE OLARYŇ TEHNIKI ÝAGDAÝY

1-bölümde 01-33 setirler boýunça howa gämileriniň görnüşleri boýunça bar bolan howa gämileri görkezilýär.

1-nji sütünde hasabat ýylynyň başyna bar bolan howa gämileri görkezilýär.

Şolardan tehniki taýdan gurat howa gämileri 2-nji sütünde görkezilýär.

3-nji sütünde hasabat ýylynyň başyndan görnüşleriniň bölünişi boýunça howa gämileriniň geleni görkezilýär.

4-nji sütünde hasabat ýylynyň başyndan görnüşleriniň bölünişi boýunça howa gämileriniň ulanyşdan çykarylany görkezilýär.

5-nji sütünde hasabat döwrüniň ahyryna bar bolan howa gämileri görkezilýär.

Şolardan tehniki taýdan gurat howa gämileri 6-njy sütünde görkezilýär

7-nji sütünde bir howa gämisiniň ýolagçy sygymlylygy görkezilýär.

8-nji sütünde bir howa gämisiniň ýük göterijiligi görkezilýär.

9-njy sütünde howa gämileriniň täjirçilik ýüklenmesi görkezilýär. Howa ulaglarynyň täjirçilik ýüklenmesi – uçaryň bortuna aeroportda alnan ýolagçylaryň we ýükleriň agramy (tonnada). Poçtanyň, ýükleriň, ýolagçynyň we onuň şahsy goşlarynyň (her ýolagça 0,09 tonna) agramyna deň bolan şertli agramynyň, uçardaky ýolagçylaryň sanyna köpeldilmeginiň tonnadaky möçberiniň jemi görnüşinde kesgitlenilýär.

26-njy setirde oba hojalygynda awiýahimiýa işlerini ýerine ýetirýän howa ulaglarynyň sany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM. ÖNDÜRIJI ZAWODDAN GOÝBERILEN PURSATDAN ULANYŞ MÖHLETI BOÝUNÇA HOWA GÄMILERINIŇ TOPLUMY

Hasabat döwrüniň ahyryna bar bolan howa ulaglarynyň sany – hasabat döwrüniň ahyryna kärhananyň balansynda duran howa ulaglarynyň her görnüşi boýunça balansa alnanlary hem-de balansdan çykarylanlary hasaba almak bilen umumy sanyny görkezýär. Şu bölümde bar bolan howa gämileri boýunça taýýarlaýjy zawod tarapyndan goýberilen pursatyndan ulanyş möhleti boýunça bölüp görkezilýär

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**